# Liberal plýural demokratiýalaryñ garşysyndaky populist liderler

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Liberal plýural demokratiýalaryñ garşysyndaky populist liderler LIBERAL PLÝURAL DEMOKRATIÝALARYÑ GARŞYSYNDAKY POPULIST LIDERLER



Liberal demokratiýalaryñ güýjüni ýitirmegi bilen birlikde biziñ günlerimizde iñ köp agzalýan syýasy adalgalardan biri-de populizm bolsa gerek.
Belki-de, munuñ sebäplerinden biri ABŞ-nyñ öñki prezidenti Donald Tramp, Wengeriýanyñ premýer-ministri Wiktor Orban, ekstremistik sagçy fransuz syýasatcysy Marin Le Pen, Wenesuelanyñ prezidenti Nikolas Maduro ýaly populist hasaplap boljak liderleriñ 2000-nji ýyllardaky ösüşidir.

Ýogsa-da, populizm näme?
Populizm diýip, syýasy ugruny halk bilen ýokary gatlagyň (elitanyň) arasyndaky gapma-garşylygyň üstünden ýöredýän diskriminasion aýratynlyk syýasatyna diýse bolar.
Populist çykyşlara ýüz urýan liderler halk agalygy pikirini öňe sürüp, häkimiýeti hakyky eýelerine, ýagny halka berjeklerine söz berýärler.
Populist liderleriň berýän wadalary bilen utgaşykly elitaçylyga garşy çykyşlara ýüz urýandyklaryny-da aýdyp bolar. Ýöne populist liderler häkimiýeti hernäçe hakyky eýelerine, ýagny halka bermegi wada berseler-de, aslynda ýagdaý beýle däl. Çünki plýuralizme we aýratynam plýural demokratiýa çydamlary bolmadyk populist liderleriň «halk» diýmek bilen göz öňüne tutýan zady – halkyň özlerini goldaýan bölegi bilen çäklenýär. Ýagny populist liderleriň gözünde halk diňe özleri ýaly bolan, özleri ýaly pikir edýän gatlagy aňladýar.
Beýleki bir ýanda olaryň gözünde halk ahlak arassalygyna eýe gomogen bitewilik bolansoň, populist liderler bu syýasy bitewiligiň erk-erada emele getirip, özlerine wekilçilik etme hukugyny berendigine ynanýarlar. Ýogsam bolmasa, halk köplükdir, ýagny syýasy, synpy, etniki ýa-da dini köpdürlilikleri özünde saklaýar. Ine, populisr liderler şeýle plýural (köplük) gurluşyna garamazdan, gomogen, ýagny birmeňzeşdiklerini pikir edýän syýasy bitewilige wekilçilik edýändiklerini öňe sürýärler. Özlerini goldamaýan jemgyýetiň ähli gatlaklary bolsa, olaryň gözünde ahlak taýdan sozulan elitalardyr.
Populizm adalgasyny absolýut we plýural demokratiýa garaýyşlarynyň çäginde-de öwrenip bolýandygyndan, populist liderleriň plýural demokratiýanyň tarapynda durýandyklaryny aýdyp bolar.
Eýse nämüçin?
Populist liderleriň häkimiýetiň çäklendirilen, konstitusiýalarynda esasy hak-hukuklara we azatlyklara ýer berýän, güýçleriň (häkimiýet edaralarynyň) özbaşdaklygy prinsipine goldanýan plýural demokratiýalary tankyt edýändigi mälim.
Olaryň gözünde halkyň saýlan syýasatçylarynyň çäklendirilmegi aslynda halkyň erk-ygtyýarlygynyň çäklendirilmegini aňladýar.




Populist liderleriñ iñ ünsi çekiji taraplarynyñ birem halkyñ duşmany ýaly görkezýän adamlaryna garşy hamana halkyñ ýanynda ýaly görünmekleridir.

Bu ýagdaý olar häkimiýet başyna gelenlerinden soňam dowam edýär. Ýagny populost liderler häkimiýete gelenlerinde halk bilen ýokary gatlagyň aratapawudynyň üstünden ýöredýän syýasy çykyşlaryny dowam etdirýärler. Olar häkimiýet başynda otyrka islendik meselede şowsuzlyk bolup geçse, munuň sebäbi beýleki gatlaklaryň «betniýetli» işlerine baglanyşdyrylýar.
Hasam ýamany populist liderler häkimiýet başyna gelende halkyň duşmany hökmünde tanadýan elitasyna we oppozisiýasyna bäs edip bilmek üçin häkimiýetlerini yzygiderli mobilizläp durýarlar. Eýsem-de bolsa, häkimiýet hemme režimlerde bar. Režime demokratik häsiýetini berýän oppozisiýa bolansoň, populist çykyşyň agalyk ediji režimleriň plýural demokratiýa goldanýan pozisiýada durýandygyny aýdyp bolmaz.
Ýöne agzalan režimleriň awtoritardygyny-da aýdyp bolmaýar. Populist liderler güýjüni halkyň özlerine ses beren gatlagyndan alýarlar. Şonuň üçinem olar häkimiýete bikanun däl-de, kanuny ýollar bilen gelýär.
Netijede populist çykyşlaryň agalyk edýän režimlerine «kemçilikli demokratiýalar» hökmünde garap bileris.
Populist liderleriň liberal demokratiýanyň garşysyndaky boluşlary barada aýdanda bolsa, agzalýan liderleriň plýural däl-de, absolýut demiokratiýanyň tarapyndadyklaryny, hut şonuň üçinem liberal demokratiýanyň garşysyna çykyş edýändikleri bellidir.
Çeşme: Ý.W.Mýuller «Populizm näme?» (Terjime eden O.Ýyldyz), «İletişim» neşirýaty, Stambul-2017 ý.

Dr. Umut HAJYFEWZIOGLY.

Duşenbe, 14.02.2022 ý. Publisistika